# Kalbymyñ joşy, dilimiñ senasy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Kalbymyñ joşy, dilimiñ senasy KALBYMYÑ JOŞY, DILIMIÑ SENASY



Çal bulutlar gaplady çar tarapy,
Dür damjalar ýüzün ýuwdy daglaryñ.
Jülgeleriñ tämizlenip howasy,
Görki artdy gül-gunçaly baglaryñ.
Gaýalaryñ, ýapraklaryñ ýüzünde,

Merjen dür däneler atdylar öwşün.
Ýagyş diňdi, guşlar nagma kakdylar,
Hoşroýlyga besläp göwünler köşgün.

Ynsanýete badaşan dek bagyry,
Eçilip dur synasyndan genjini.
Göwsünden syzylyp çykýan çeşmeden,
Datsaň unudýarsyň gaýgy-ünjini.

Daglarym guwanjym, buýsanjym meniň,
Kalbymyň joşy siz, dilimiň senasy.
Üstüne seýrana çykan çagymda,
Gujagyny açýar onki synasy.

Süleýman ÖWEZOW. Goşgular